# Gündogar Türküstanly zenanlar hak-hukuklaryny talap edýär!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündogar Türküstanly zenanlar hak-hukuklaryny talap edýär!
GÜNDOGAR TÜRKÜSTANLY ZENANLAR HAK-HUKUKLARYNY TALAP EDÝÄR!




*8-nji mart Halkara Zenanlar güni sebäpli Gündogar Türküstandaky aýal-gyzlaryň ýagdaýlaryna ünsi çekmek maksady bilen metbugat ýygnagy geçirildi.*
Adam hukuklary fondunyň (Фонд защиты прав и свобод человека и гуманитарной помощи IHH / тур. İnsan Hak ve Hürriyetleri ve İnsani Yardım Vakfı) Zenanlar şahamçasynyň guramagynda Bosgunlaryň hak-hukuklary boýunça Halkara jemgyýeti we Gündogar Türküstan Halkara STKLAR bileleşigi 8-nji mart Halkara Zenanlar güni mynasybetli Gündogar Türküstandaky aýal-gyzlaryň ýagdaýlaryna ünsi çekmek maksady bilen metbugat ýygnagyny geçirdi.
«Reşadiye Otel» myhmanhanasynda geçirilen metbugat ýygnagyna IHH-nyň Zenanlar şahamçasynyň başlygy Aýşe Müzeýýen Taşçy, UMHD-nyň adyndan aklawjy Zeýnep Ertekin, Gündogar Türküstanlylaryň adyndan Münewwer Özuýgur gatnaşdy.
Şu gün 8-nji mart Halkara Zenanlar güni! Şu gün dünýäniň çar künjünde zenanlara gutlag sowgatlary berilýän, süýji sözler aýdylýan we ýagşy dilegler edilýän gün.
Şu gün dünýäniň dürli ýurtlarynda zenanlardan we zenanlaryň problemalaryndan söz açylýan, zenan hak-hukuklarynyň agzalýan,

zenan hak-hukuklarynyñ özlerine berilmegini talap edýän gün.
Zenan hak-hukuklary halkara ylalaşyklarda, kanunlarda pugta berkidilendigine garamazdan, gynansak-da, bu boýunça düzgün bozmalaryñ giñden ýaýran döwürleriniñ birini başdan geçirýäris.
Zenanlar köp ýurtda maşgala arasynda urlup-ýenjilmelere, basyşlara we uruş zerarly horluklara duçar bolýarlar.
Zenanlar esasanam Siriýa, Ýemen, Liwiýa, Palestina, Müsür, Owganystan, Kaşmir, Mýanmar ýaly birnäçe ýurtda basybalyjylygyñ, bosgunlaryñ, urşuñ, çaknyşyklaryñ we munuñ bilen birlikde sistematiki düzgün bozulmalaryñ gorkunç problemalary bilen gidişýär.
Gündogar Türküstanly zenanlaram Hytaýyn kolonial döwrüniñ başlamagy bilen birlikde 74 ýyl bäri sistematiki ýagdaýda düýpli hak-hukuk bozulmalaryny başdan geçirýärler.
Ýöne bärde has ajy ýene bir hakykat bar, olam nähili horluk görselerem, näçe süteme uçrasalaram seslerini çykarmaga hiç bir ýagdaýda mümkinçilik tapmadylar. Üznüksiz ýagdaýda açyk we ýapyk tussaghanalarda günlerini ötürdiler.
Ilkibaşda Hytaýyñ häkimiýet başynda oturan Kommunistik partiýasynyñ Gündogar Türküstanyñ dünýä bilen aragatnaşygyny kesjek bolup edýän hak-hukuk bozulmalaryny we zorluk-zulumlaryn soñky ýyllaryñ internet aragatnaşygy, lager şaýatlary we hakykatdygy subut edilen maglumatnamalar arkaly bütin dünýä äşgär edildi.
Şeýle gynançly wakalar bolup durka-da, zenanlara garşy bolýan düzgün bozulmalaryna zenan hak-hukuklary boýunça halkara guramalar sesini çykarman oñmagy makul bildi we Hytaýa sanksiýa yglan etmek pikirinden gaça durdy.
Zenanlara talap edilýän halkara normalaryñ köpüsi döwletiñ konstitusiýasynda öñdenem bar bolann zenan deñliginiñ we azatlygynyñ goragy kepillendirilen hak-hukuklardyr.
Zenanyñ iñ esasy hak-hukuklaryndan biri pikirini erkin ýagdaýda beýan etme hukugyna eýe bolmagydyr. Erkekler bilen deñ derejede bilim almaga bolan hukugy, islän adamyna durmuşa çykyp çaga dogurmak hukugy-da zenanyñ iñ esasy hak-hukuklarynyñ biridir.

Emma Gündogar Türküstandaky zenanlar şeýle hukuklardan mahrum edildiler.
Zenan hak-hukuklaryna arka duryan sistemalaryñ zenan hukuklaryna garşy etmişler diýip kesgitlän fiziki zorluk, jynsy zorluk, söz üsti bilen ýanama, ruhy-psihologiki zorluk, maddy ýanama ýaly zorlugyñ her dürlüsi Gündogar Türküstanly zenanlara görkezilýär.
Ýanýoldaşlaryndan, ene-atalaryndan, çagalaryndan aýry saklanmagy, ýakynlarynyñ ölüligini-diriligini bilmän ýaşamaga duçar edilmegi Gündogar Türküstanly on müñlerçe zenanyñ başdan geçirýän uly trawmalarynyñ diñe käbirleri hökmünde agzap bolar.




Gündogar Türküstanly zenanlara garşy 74 ýyllyk döwürde edilen etmişleriñ bir bölegini aşakda siziñ dykgatyñyza ýetirmekçi. Ol etmişler zenan hak-hukuklaryna garşy edilen düzgün bozulmalary bolup, bütin adamzadyñ wyždanyny gozgalaña salyp biljek gorkunç etmişlerdir:
– Ynanja we medeniýete dahylly edim-gylymlaryñ doly gadagan edilmegi, dini manysy bolan adam atlarynyñ üýtgedilmegi, talap edilen formulary geýinmek, musulmandygyñg aýtmagyñ gadagan edilmegi;
– Işçi güýji gerek bahanasy bilen kämillik ýaşyna ýeten ýaş gyzlary Hytaýyñ uzak merkezi oblastlatyna gorkuzmak we haýbat atmalar arkaly äkitmek hem-de zorluk bilen işletmek ýa-da jelephanalara satylmak ýaly ýagdaýlaryñ bolup geçmegi;
– Durmuşa çykma we göwreli bolma döwrüniñ döwlet tarapyndan gözegçilige alynyp, talap edilýän ýaşda we wagtda göwreli bolunmagynyñ üpjün edilmegi. Göwreli bolmagyñ gadagan edilen wagtynda göwreli bolanlaryñ jezalandyrylmagy. Zorlukly abort we önelgesizleşdirme çäreleri;

– Esassyz we keýpine tussag etmeler, türmä atylmalar, tussag edilendeñ yzynda galan çagalarynyñ ejesi ýa kakasy tarapynyñ garyndaşlaryna berilmegini gadagan edip, çagalary hytaýlylaşdyrmak maksady bilen gurlan internatlara ýerleşdirilmegi;
– Lagerlere dykylan ýa-da türmelere atylan zenanlary tussaghanalarda urup-ýençmek, elektrik toguna tutmak, gynamak, ýalañaç saklamak, köpçülikleýin zorlap we zorlaýyşlaryny olaryñ hossarlaryna tomaşa etdirmwj, gaty jisim bilen jynsy agzasyna yza bermek, ýeke adamlyk hüjrä dykmak, suwuñ içinde saklamak, köp adamly ýerde saklamak, endamynda çilim söndürmek, nämedigi belli däl dermanlary içirmek, organ söwdasy üçin synalaryny çykarmak, önelgesizleşdirmek, zorlukly abort, ýatdan gimn aýtdyrmak ýaly gorkunç gynamalar;
– Hiç bir sebäp görkezmezden lagerlerde zor bolen saklamak we sistematiki assimilizasiýa geçirmek;
– Assimilizasiýa syýasatynyñ dowamynda musulman zenanlaryñ mertebesini äsgermän hytaýlylara gorkuzmalar we haýbat atmalar bilen äre berilmegi;
– «Maşgala gurmak» maksatnamasynyñ çäklerinde öýe hytaýly erkegi zor bilen salyp, zenanyñ şol erkek bilen bir otagda galmaga mejbur edilmegi. Aýalyñ ýa-da maşgalanyñ başga bir agzasynyñ hoşnutsyzlygyny agzamagynyñ özüniñ döwlet kada-kanunlaryna garşy çykmakda aýyplanyp, türmä atylmagy;
– Ene-atasy türmä atylan ýa-da lagerlerde saklanan çagalaryñ doganlaryndan zor bilen alynmagy;
– Ýaramaz we kyn şertlerde zenanlaryñ angar sistemasynda işledilmegi we hak-hukuk gözleýişleriñ öñüne böwet bolunmagy…



Hytaýyñ Gündogar Türküstanlylara etniki we dini bahanalar bilen amala aşyrýan şeýle sistematiki düzgün bozulmalary halkara hukuk kadalaryna we ýerli zenan hak-hukuklaryna hem-de adamzada garşu edilen etmişleriñ hataryna girýär.

Hytaý kagyz ýüzünde BMG-nyñ Howpsuzlyk geñeşiniñ agzasy bolup, guramanyñ öñe süren köp sanly adam hukuklary boýunça konsepsiýalarynyñ tarapynda çykyş edýär.
BMG we BMG-na agza ähli döwletler Hytaýyñ ýokarda agzalan etmişlerini duruzmaga başdan aýak borçludyrlar.
Şeýle borçlulyklaryñ berjaý edilmegi üçin bütin dünýädäki zenan hukuklarynyñ tarapdarlaryny, dini, ynanjy we gelip çykyşy kim bolanda-da dünýäniñ jümle aýal-gyzlaryny Gündogar Türküstanly zenanlaryñ sesi bolmaga, raýdaşlyga çagyrýarys.
Hytaýyñ edýän genosid etmişleri we adamzada garşy jenaýatlary bilen jogapkärçilige çekmek prosesiniñ başyny başlamagy, hytaýly ygtyýarlylardan günäsi bolanlary jogapkärçilige çekmegi we jezalandyrylmagy üçin halkara jemgyýetçiligiñ öz üstüne düşýän jogapkärçiliklerini ýerine ýetirmegini talap edýäris.
Ähli yslam ýurtlary paýlaryna düşýän işi etmeli we aýratynam Gündogar Türküstanly zenanlaryna endamyna basylan hytaý barkodlaryny täzeden gözden geçirmeli.
Musulman uýgur zenanlaryna edilen şeýle gorkunç zulumyñ togtadylmagy üçin her bir musulmanyñ öz boýnuna düşýän jogapkärçiligini ýada salmagy talap edýäris.
Häzir mümkinçilik barka jogapkärçiligiñ ugruna çykylmadyk ýagdaýynda ahyretde munuñ hasabynyñ juda çökder boljagyny hemmämizem bilýäris. Munuñ üçin külli yslam älemine çagyryş edýäris. Dünýäde güýç-kuwwatyny zol mazamlap duran yslam ýurtlary Gündogar Türküstanyñ sesine ses goşmalydyr.
Aýal-gyzlarymyzyñ ahy-nalalaryna gulak gerilmegini, ellerindäki ähli mümkinçilikleri bilen bu zulumyñ duruzylmagy üçin Hytaýa garşy täsirli sanksiýalary bermegi talap edýäris.
Gündogar Türküstanda Hytaýyñ edýän etmişlerine şärikdeş bolman, ses berilmegini we garşy durulmagyny talap edýäris.




Jahide HAÝRUNNISA ÇIÇEK.
@hayrunnisacicek.
Çarşenbe, 08.03.2023 ý. Publisistika